# «Polşañ eteginde ýarylan bomba…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Polşañ eteginde ýarylan bomba…" «POLŞAÑ ETEGINDE ÝARYLAN BOMBA…»

Polşañ eteginde ýarylan bomba,
Türkmen ýigidiniñ ömrüni üzdi.
Bu şum habar Garagumy nazarlap,
Üç burç bukja girip, üç aýlap gezdi.

Gowşurdylar enä matamly haty,
«Ogluñ batyrlarça…»
Ýykyldy ene.
Öýüñ tärimleri jygyldap gitdi,
Üç aý öñki bomba «ýaryldy» ýene.

Ýogsam ahyrlapdy bu ýowuz uruş,
Berlinde ýanýardy iñ soñky däri
Buşlukça garaşýan serwi derekleñ,
Ýene tabyt üçin ýykyldy biri.

Maral GARLYÝEWA. Goşgular